Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
– BIZIŇ ESASY MAKSADYMYZ EZIZ WATANYMYZY
BEÝIK GELJEGE TARAP YNAMLY ÖŇE ALYP BARMAKDAN YBARATDYR.
XXI ASYR BILIM, YLYM ASYRYDYR

MUGALLYMLAR GAZETI

Gazet 1952-nji ýylyň 11-nji ýanwaryndan bäri çykýar.

ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI

2025-nji ýylyň 3-nji noýabry

№ 88 (10425)

DUŞENBE



# HALK BÄHBITLI BEÝIK IŞLER

***31-nji oktýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda şu ýylyň on aýynda ýurdumyzda alnyp barlan işleriň jemleri jemlenildi.***

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa şu ýylyň ýanwar — oktýabr aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada maglumat berdi.

Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň kanunçylygyny yzygiderli kämilleşdirmegiň möhümdigini belledi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz bu ugurda Mejlisiň alyp barýan işlerini netijeli dowam etdirmegiň zerurdygyna ünsi çekdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow şu ýylyň ýanwar — oktýabr aýlarynyň deslapky makroykdysady görkezijileri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ykdysadyýet, maliýe we bank toplumynyň işiniň ýurdumyzyň hemmetaraplaýyn ösüşi bilen aýrylmaz baglydygyny aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz wise-premýere toplumyň işini kämilleşdirmegi dowam etdirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Amanow ýurdumyzda nebitiň we gazyň çykarylyşyny artdyrmak, olary dünýä bazaryna çykarmagyň ugurlaryny giňeltmek boýunça şu ýylyň ýanwar — oktýabr aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň jemleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, nebitgaz toplumynyň bar bolan önümçilik kuwwatyny netijeli peýdalanmagyň, nebitiň we gazyň çykarylyşyny artdyrmak boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegiň möhümdigini belledi. Döwlet Baştutanymyz wise-premýere geologiýa-gözleg, buraw işleriniň netijeliligini artdyrmak bilen bagly işlere berk gözegçilik etmegi tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýewiň hasabaty diňlenildi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzda azyk bolçulygyny döretmekde oba hojalyk pudagyna uly ornuň degişlidigini, şoňa görä, pudagy toplumlaýyn ösdürmegi, onuň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmegi dowam etdirmegiň möhümdigini belledi. Arkadagly Gahryman Serdarymyz wise-premýere önümçiligiň möçberini artdyrmagy we hilini ýokarlandyrmagy hemişe üns merkezinde saklamagy, möwsümleýin oba hojalyk işlerini agrotehniki kadalara laýyklykda alyp barmagy dowam etdirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Annamämmedow gurluşyk we senagat toplumy tarapyndan şu ýylyň ýanwar — oktýabr aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, gurluşyk we senagat toplumynyň kärhanalarynyň işiniň netijeliligini ýokarlandyrmagyň, elektrik energiýasyny öndürmekde zerur işleri alyp barmagyň möhümdigini belledi. Döwlet Baştutanymyz «Türkmenhimiýa» döwlet konserni tarapyndan alnyp barylýan işlere berk gözegçilik etmek barada tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Seýidowa gözegçilik edýän ulgamynda şu ýylyň geçen on aýynda alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, 2025-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi, hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllygy, milli senenamamyzda göz öňünde tutulan baýramçylyklar we şanly seneler mynasybetli dürli medeni çärelerdir dabaralar geçirildi. Yglan edilen döredijilik bäsleşikleriniň jemleri jemlendi. Medeni-durmuş maksatly binalaryň açylyp ulanmaga berilmegi mynasybetli medeni çäreler guraldy. Hasabat döwründe Azerbaýjan Respublikasynyň Baku we Genje şäherlerinde, Özbegistan Respublikasynyň Daşkent hem-de Hywa şäherlerinde Türkmenistanyň Medeniýet günleri üstünlikli geçirildi.

Rim şäherindäki Kapitoliý muzeýinde «Türkmenistanyň gadymy siwilizasiýalary» atly arheologik serginiň açylyş dabarasy boldy. Serginiň açylyş dabarasynyň hormatly Prezidentimiziň Italiýa Respublikasyna amala aşyran resmi saparyna gabat gelmegi hem-de bu möhüm çärä döwlet Baştutanymyzyň gatnaşmagy türkmen-italýan gatnaşyklarynyň yzygiderli ösdürilýändigini we taryhyň gadymy döwürlerinden gözbaş alýan dostlugyň barha berkäp, täzeden galkynýandygyny aýdyň görkezdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, halkymyzyň baý medeni mirasyny gorap saklamakda, dünýä ýaýmakda medeniýet ulgamyna uly ornuň degişlidigini aýtdy we medeniýet ulgamynyň işini kämilleşdirmegi dowam etdirmegiň möhümdigine ünsi çekdi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz wise-premýere taryhy-medeni ýadygärlikleri rejelemek, dikeltmek, gorap saklamak babatda alnyp barylýan işleri dowam etdirmegi, halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek bilen, Medeniýet günlerini, festiwallary geçirmäge-de aýratyn ähmiýet bermegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Orazdurdyýewa gözegçilik edýän ulgamlarynda şu ýylyň ýanwar — oktýabr aýlarynda alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ylym, bilim, saglygy goraýyş we sport ulgamlaryny döwrebaplaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegiň, bilim işgärleriniň hünär derejesini yzygiderli ýokarlandyrmagyň möhümdigini belledi. Döwlet Baştutanymyz wise-premýere «Saglyk» Döwlet maksatnamasyna laýyklykda saglygy goraýyş ulgamynyň işini kämilleşdirip durmagy, bedenterbiýäni we sporty ösdürmek işini talabalaýyk alyp barmagy tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredowyň Daşary işler ministrligi tarapyndan şu ýylyň ýanwar — oktýabr aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri baradaky hasabaty diňlenildi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, wise-premýer, daşary işler ministrine dünýä döwletleri bilen syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer, ylym-bilim ulgamlaryndaky gatnaşyklary ösdürmek boýunça netijeli hyzmatdaşlygy dowam etdirmegi tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow hormatly Prezidentimiziň Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna amala aşyrjak iş saparyna taýýarlyk görlüşi barada hasabat berdi.

Nygtalyşy ýaly, häzirki wagtda ABŞ-nyň Prezidenti Donald Trampyň çakylygy esasynda döwlet Baştutanymyzyň ýokary derejedäki ikitaraplaýyn duşuşygy geçirmek we «Merkezi Aziýa — ABŞ» sammitine gatnaşmak maksady bilen Waşington şäherine boljak iş saparyna taýýarlyk görülýär.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, Türkmenistan bilen Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň arasyndaky gatnaşyklaryň ýokary derejede ösdürilýändigini belledi. «Waşingtonda geçiriljek sammit bolsa ýurtlarymyzyň arasyndaky özara bähbitli hyzmatdaşlygy has-da berkitmäge ýardam eder» diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy we wise-premýer, daşary işler ministrine Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna boljak iş saparyna taýýarlyk görmek babatda degişli tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Çakyýew gözegçilik edýän düzümlerinde 2025-nji ýylyň ýanwar — oktýabr aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň jemleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, wise-premýere degişli tabşyryklary berdi.

Soňra hormatly Prezidentimiz Ministrler Kabinetiniň agzalaryna ýüzlenip, ýurdumyzda her ýyly döwrebap atlandyrmak boýunça ýylyň şygarynyň yglan edilýändigini we nyşanyň kabul edilýändigini aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa ýüzlenip, deputatlaryň halkymyz bilen maslahatlaşyp, täze, 2026-njy ýyla at bermek hem-de onuň nyşanyny kesgitlemek boýunça degişli teklipleri taýýarlamalydygyna ünsi çekdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly geçirilen mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

**«Mugallymlar gazeti».**

# ABADANÇYLYGYŇ BERK BINÝADY

***Parahatçylyk söýüjilik ýoluny, agzybirlik ýörelgesini ýöredýän halkymyz ýene-de bir ajaýyp senäni — ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygyny toýlaýar. Watanymyzyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň şanyna toýlanylýan bu sene her birimiz üçin aýratyn ähmiýete we many-mazmuna eýedir. Hemişelik Bitaraplyk dünýäde ykrar edilen beýik gymmatlygymyzdyr. Parahatçylygy, dostlugy, ynsanperwerligi, hoşniýetliligi, hyzmatdaşlygy we ösüşi dabaralandyrýan taglymatymyzdyr.***

Türkmenistan Watanymyz Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 1995-nji ýylyň 12-nji dekabryndaky ýörite Kararnamasy esasynda halkara gatnaşyklarynyň taryhynda ilkinji gezek hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna eýe bolan döwlet hökmünde şan-şöhrata eýe boldy. Şoňa görä-de, Türkmenistanyň halkara abraýynyň ýokarydygyny, ynsanperwer syýasatynyň dünýä derejesinde ykrar edilendigini aýdyň görkezýän sene hökmünde taryha girdi. 2015-nji ýylyň 3-nji iýunynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň ýörite Kararnamasy esasynda agza döwletleriň 193-siniň goldamagynda «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnamanyň ikinji gezek kabul edilmegi ýurdumyzyň parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk we ynsanperwerlik ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasatyna Ýer ýüzünde ýokary baha berilýändiginiň subutnamasy boldy. Şanly ýylymyzda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynyň 61-nji plenar mejlisinde ýurdumyzyň başlangyjy bilen «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnama üçünji gezek kabul edildi.

2

# PARAHATÇYLYK WE YNANYŞMAK TAGLYMATY

***Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ata-babalarymyzdan miras galan parahatçylyk söýüjilik, agzybirlik, ynsanperwerlik, dost-doganlyk ýörelgelerimiz barha rowaçlanýar. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň umumadamzat ähmiýetli beýik işleri halkara bileleşiginde giňden goldanylýar.***

Arkadagly Gahryman Serdarymyz «Magtymguly — dünýäniň akyldary» atly kitabynda şeýle belleýär: «Biz Bitaraplyk hukuk ýagdaýymyzyň ählumumy ösüşe we abadançylyga, BMG-niň strategik görkezmelerini, maksatnamalaýyn wezipelerini ýerine ýetirmäge gönükdirilendigini aýtmaga haklydyrys. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan üçin iki sene — Bitaraplygynyň 30 ýyllygy we BMG-niň esaslandyrylmagynyň 80 ýyllygy aýrylmaz baglanyşyklydyr. Bitaraplygyň binýatlaýyn ýörelgeleri bolan parahatçylyga, hoşniýetli goňşuçylyga, hyzmatdaşlyga, özara düşünişmäge ygrarlylyk, halkara hukuga hormat goýmak BMG-niň Tertipnamasynyň ruhunyň we mazmunynyň beýanydyr».

Türkmenistanyň başlangyjy esasynda BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan 2025-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi parahatçylyk söýüjilikli syýasatymyzyň dünýä derejesinde uly goldawa mynasyp bolýandygyny nobatdaky gezek subut edýär.

2

WATAN DIŇE HALKY BILEN WATANDYR!

# ABADANÇYLYGYŇ BERK BINÝADY

1 Munuň özi halkymyzyň parahatçylyk söýüjilik ýörelgesiniň dünýäde ykrar edilýändiginiň aýdyň beýanydyr.

Ýurdumyz hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna eýe bolan gününden bäri geçen 30 ýylyň dowamynda dünýä döwletleri bilen ikitaraplaýyn diplomatik gatnaşyklary ýola goýdy. Türkmenistanyň alyp barýan oňyn daşary syýasaty bu gün hoşniýetli, özara bähbitli hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryna esaslanýar.

Hemişelik Bitarap Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň we beýleki halkara guramalaryň çäklerinde öňe sürýän başlangyçlary we teklipleri dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan giň goldawa eýe bolýar. Ynha, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynyň 18-nji plenar mejlisinde «Awaza syýasy Jarnamasy» atly Kararnamanyň kabul edilmegi asylly ýörelgeleriň rowaçlanmagydyr. Şeýle hem hormatly Prezidentimiziň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynyň plenar mejlisindäki çykyşynda beýik başlangyçlary öňe sürendigini buýsanç bilen bellemek gerek. Ýurdumyzyň dünýä bileleşigi tarapyndan goldanylýan başlangyçlary, dünýäniň dürli ýurtlary we iri halkara guramalar bilen işjeňleşýän hyzmatdaşlygy döwlet Baştutanymyzyň alyp barýan oňyn syýasy ugrunyň ykrar edilýändigini görkezýär.

Hemişelik Bitaraplyk türkmen halkynyň baş mukaddeslikleriniň biridir. Halkymyzyň parahatçylyk söýüjilik ýörelgesi hemişelik Bitaraplygyň düýp mazmunyny düzýär. Şonuň üçin hem Türkmenistan umumadamzat bähbitlerini nazarlaýan beýik başlangyçlary öňe sürýär. Halkymyzyň parahatçylyk söýüjilik ýörelgelerini çuňňur öwrenmek we olara sarpa goýmak biziň her birimiziň asylly maksadymyzdyr.

**Kerwen GURBANOW,**
**Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň mugallymy.**

# PARAHATÇYLYK WE YNANYŞMAK TAGLYMATY




1 Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizde dürli mazmunly halkara forumlardyr maslahatlar, medeni-köpçülikleýin, sebitleýin we ýöriteleşdirilen çäreler, wideomaslahatlar yzygiderli geçirilip, ýaşlaryň arasynda maglumat, aň-bilim işi işjeň alnyp barylýar. Şol bir wagtda halk köpçüliginiň arasynda amala aşyrylýan beýik işler, oňyn özgertmeler, gazanylýan üstünlikler dogrusynda giňişleýin wagyz-nesihat işleri geçirilýär.

Türkmen halkynyň ynsanperwerlik ýörelgeleri döwletimiziň hemişelik Bitaraplygynyň hukuk derejesi bilen öz mazmunyny has-da baýlaşdyrýar. Gahryman Arkadagymyzyň ýiti zehininden, jöwher paýhasyndan dörän, hemişelik Bitaraplyk hukuk derejämiziň çuňňur mazmunyny, parahatçylygyň, dost-doganlygyň ähmiýetini şahyrana dilde beýan edýän «Türkmenistan — parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» atly ajaýyp goşgusy her birimiziň buýsançly başymyzy has-da belende göterýär.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan Watanymyzyň halkara abraýyny has-da belende göterýän türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun!

**Baýram GURTMYRADOW,**
**Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli merkeziniň Maglumat, seljeriş we halkara gatnaşyklary bölüminiň baş hukuk maslahatçysy.**

3-nji noýabr — Gurluşyk we senagat toplumynyň işgärleriniň güni

# BELENT BINALAR — ÖSÜŞIŇ AÝDYŇ BEÝANY

***Milli ykdysadyýetimiziň ösüşinde gurluşyk we senagat toplumynyň işgärleriniň mynasyp paýy bardyr. Bu günki günde ýurdumyzyň dürli künjeklerinde gurlup ulanmaga berilýän belent binalar, ajaýyp desgalar beýik ösüşleriň şuglasy bolup hemmämizi buýsandyrýar. Gahryman Arkadagymyzyň beýik başlangyçlaryny mynasyp dowam edýän hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzda täze binalar, döwrebap desgalar yzygiderli gurlup ulanmaga berilýär. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda hem gurluşyk we senagat ulgamyny ösdürmek boýunça alnyp barylýan işler rowaçlanýar.***

Häzirki ajaýyp döwrümizde ak mermerli paýtagtymyz Aşgabat we Arkadag şäherleri dünýäniň iň owadan hem täsin şäherleri hökmünde tanalýar. Ýurdumyzy ösdürmek boýunça ýaýbaňlandyrylan uzak möhletleýin ösüşi nazarlaýan maksatnamalar hormatly Prezidentimiziň durmuş syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biridir. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň binagärlik taglymatynda halkymyzyň eşretli ýaşaýşy üçin aňrybaş amatly şertleriň döredilmegi, şol sanda şäheriň abadanlaşdyrylmagy we ekologiýa abadançylygynyň üpjün edilmegi bilen baglanyşykly meselelere aýratyn ähmiýet berilýär hem-de öňde durýan wezipeleriň çözgüdine täzeçil çemeleşmek esasy şertleriň biri bolup durýar. Şeýle-de halkymyzyň taryhda döreden we umumadamzat genji-hazynasyna öwrülen ruhy hem-de maddy gymmatlyklaryny döwrebap gurulýan binalara siňdirmek, olary halkymyza we tutuş adamzada wagyz etmek hem esasy ugurlaryň biri bolup öňe çykýar. Türkmenistanyň Mejlisiniň karary bilen hormatly Prezidentimize «Türkmenistanyň at gazanan arhitektory» diýen hormatly adyň dakylmagy aýratyn buýsandyryjy wakadyr. Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen ýurdumyzyň ähli künjeklerinde döredilýän täze binagärlik ýörelgeleri gurluşyk ylmynyň iň täze gazananlary bilen utgaşdyrylýar. Olaryň her birinde mukaddes türkmen topragynyň gözelliklerini, ata-baba gelýän milli gymmatlyklarymyzy, şeýle hem döwrebaplygyň ajaýyp keşbini görmek bolýar.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda hem ýurdumyzyň dürli künjeklerinde ajaýyp binalaryň, desgalaryň gurlup ulanmaga berlendigini nygtasymyz gelýär. Gurluşyk we binagärlik hakynda beýan edenimizde, ýaşaýyş jaýlarynyň, obadyr şäherleriň barha gözelleşýändigini hem aýratyn bellemek gerek. Diňe şu ýylyň özünde ençeme ýaşaýyş jaýlary, medeni desgalar gurlup ulanmaga berildi. Esasan hem, bu ýaşaýyş jaýlary ildeşlerimiziň bagtyýar durmuşyny üpjün edýär, röwşen geljege bolan beýik ynamyny berkidýär. Ynha, Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň Öňaldy geňeşliginde täze, döwrebap Döwletli mekan, Kaka etrabynyň Gowşut geňeşliginde Bagtly zamana obalarynyň açylyş dabarasy geçirildi. Şeýle hem Köneürgenç etrabynyň Täze ýol geňeşliginde täze, döwrebap Bitaraplyk şäherçesiniň hem-de awtomobil köprüleriniň açylyp ulanmaga berlendigi aýratyn bellenmäge mynasypdyr. Şeýle ajaýyp binalardyr desgalaryň gurluşygy milli ykdysadyýetimiziň ösüşi bilen berk baglanyşyklydyr. Çünki gurýan döwlet gurply döwlet diýlip beýan edilýär. Bu günki günde Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary bilen gurulýan desgalar, binalar ähli ildeşlerimizde buýsanç döredýär. Bu bolsa halk bähbitli işleriň barha rowaçlanmagydyr. Gurulýan desgalar, binalar, obalar, şäherçeler beýik ösüşi, belent üstünligi, ýurdumyzyň gurmak we döretmek ýoly bilen öňe barýandygyny beýan edýär.

Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen ýurdumyzyň ak mermerli paýtagty Aşgabatda, Arkadag şäherinde, şeýle hem ähli sebitlerinde döredilýän binagärlik dürdäneleri ýurdumyzyň gözel keşbi bilen ajaýyp sazlaşygy emele getirýär. Ol binalarda ata Watanymyzda berkarar bolan beýik ösüşleriň belent ruhy, ösen döwrüň ajaýyplygy öz beýanyny tapýar.

Biziň ýokary okuw mekdebimiziň professor-mugallymlary we talyp ýaşlary üçin bu günki durmuşa geçirilýän beýik işler nusgalyk mekdepdir. Şeýle ajaýyp binalaryň gurluşygy hakynda talyp ýaşlara öwretmek, ylmy esaslaryny düşündirmek biziň üçin uly bagtdyr. Sebäbi desgalaryň taslamasyny işläp taýýarlamakda bu beýik işler we ylmy gözlegler mugallymlaryň halypaçylyk etmeginde nusgalyk ýoldur. Ýurdumyzyň welaýatlarynda, Aşgabat we Arkadag şäherlerinde bina edilýän ajaýyp desgalaryň gurluşyklarynda institutymyzyň talyplarynyň tejribelikleri geçýändigini belläsimiz gelýär. Biz olaryň täzeçil pikirlerine we gurluşyk işlerine degişli oýlap tapyşlaryna aýratyn üns berýäris. Şeýlelikde, innowasion tehnologiýalar arkaly kemala gelýän, binagärlik çözgütleri esasynda gurluşygy alnyp barylýan desgalarda talyplarymyzyň tejribelikleri üstünlikli alnyp barylýar.

Milli binagärlik sungatynyň taýsyz eserine öwrülen gözel Diýarymyz günsaýyn ösýär, özgerýär. Ady älem içre aýdym bolup ýaňlanýan Aşgabat şäherimize, dünýä nusgalyk Arkadag şäherimize buýsanjymyz, guwanjymyz has-da belentdir. Ýurdumyzy ösüşlere besleýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag bolsun, beýik işleri üstünliklere beslensin!

**Baba MYRATBERDIÝEW,**
**Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň kärdeşler arkalaşygynyň ilkinji guramasynyň başlygy.**

# HEMIŞELIK BITARAPLYK — BAKY BAGTYMYZ

***Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda eziz Diýarymyz toý-baýramlara beslenýär. Şu ýyl BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan üç gezek ykrar edilen ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna 30 ýyl bolýar. Agzybirligiň, jebisligiň, hoşniýetliligiň ýolundan ynamly öňe barýan ýurdumyz beýik ösüşleri nazarlaýar.***

Toý ruhuna beslenen Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda parahatçylyk söýüjilik, asudalyk ýörelgeleri rowaçlanýar. Halkara gatnaşyklarynyň işjeňleşýän döwründe hemişelik Bitaraplyga esaslanýan parahatçylyk söýüjilik ýörelgesi täze mana eýe bolýar. Çünki bu syýasy-hukuk derejäniň halkara gatnaşyklaryndaky ähmiýeti örän ýokarydyr.

Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň ykrar edilmegi ýurdumyzyň halkara ähmiýetini şöhlelendirýär. 2015-nji ýylyň 3-nji iýunynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 69-njy taryhy mejlisinde 193 döwletiň ses bermeginde «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnama kabul edildi. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda bolsa Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynyň 61-nji plenar mejlisinde ýurdumyzyň başlangyjy bilen «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnama üçünji gezek biragyzdan kabul edildi.

Gahryman Arkadagymyz «Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy» atly kitabynda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň içeri we daşary syýasatda, ykdysady, medeni-ynsanperwer ulgamlarda, döwlet işinde dürli jähetlerini ylmy-amaly nukdaýnazardan seljerýär. Gahryman Arkadagymyzyň kitaplarynda hemişelik Bitaraplyk taglymatynyň derejesi, jemgyýetçilik-syýasy gymmatlygy, bitaraplygyň jemgyýetiň aňyýetiniň we milli medeniýetiniň ösüşi bilen berk baglydygy baradaky parasatly garaýyşlar, pikirler beýan edilýär.

Häzirki döwürde hemişelik Bitaraplygymyz ýurdumyzyň gülläp ösüşiniň berk binýadyna öwrülýär. Halkymyzyň milli ýörelgeleri bilen sazlaşýan hemişelik Bitaraplygymyzyň esasynda umumadamzat bähbitli başlangyçlaryň öňe sürülýändigi bagtyýar ildeşlerimiziň kalbyny buýsanja besleýär. Hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllygy şanly menziller, taryhy wakalar bilen möhüm orna eýe bolýar. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli beýik işleri hemişe rowaçlyklara beslensin!

**Mergen ATAÝEW,**
**Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetiniň uly mugallymy.**

# HOŞNIÝETLILIK ÝÖRELGESI ROWAÇLANÝAR

***Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda parahatçylygyň we dostlugyň mekany, parahatçylyk söýüjilik taglymatyny ösdürýän ýurt hökmünde Türkmenistanyň halkara giňişlikdäki abraýy barha pugtalanýar. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 80-nji ýubileý sessiýasynda Türkmenistanyň ileri tutýan garaýyşlary hem ählumumy parahatçylygy we howpsuzlygy berkitmäge, durnukly ösüşe, ulag, energetika ulgamlaryndaky hyzmatdaşlygy ösdürmäge gönükdirilendir.***

Türkmenistanyň başlangyjy esasynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan «2025-nji ýyl — Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» atly Kararnamanyň kabul edilmegi ýurdumyzyň ählumumy parahatçylygy üpjün etmek boýunça tagallalarynyň dünýäde giň goldaw tapýandygynyň güwäsi boldy. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy mynasybetli halkara çäreler giň gerimde geçirilýär. Munuň özi Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ählumumy parahatçylygy üpjün etmek, döwletara ynanyşmagy berkitmek ugrunda edýän taýsyz tagallalarynyň aýdyň beýanydyr.

Parahatçylyk söýüjilik taglymatyny ösdürmekde we ony ýaşlaryň arasynda wagyz etmekde ylym-bilimiň orny uludyr. Gahryman Arkadagymyz milli mirasyň, medeniýetiň we sungatyň uly gymmatlyklardygy, olarda parahatçylyk dörediji güýjüň bardygy hakynda belleýär. Şunuň bilen baglylykda, şan-şöhrata eýe bolan meşhur taryhy şahsyýetlerimiziň atlaryny ebedileşdirmek we dünýä jemgyýetçiligine tanyşdyrmak işleri üstünlikli alnyp barylýar. Şeýle möhüm syýasatymyzy ýaşlara düşündirmekde, wagyz-nesihat etmekde biz — bilim işgärlerine hem uly orun degişlidir.

Türkmeniň döwletlilik ýörelgelerini dabaralandyrýan Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýürekden buýsanjymyzy beýan edýäris. Goý, Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, beýik işleri üstünliklere beslensin!

**Ogulşat ALLAÝAROWA,**
**Aşgabat şäherindäki 60-njy orta mekdebiň müdiriniň okuw işleri boýunça orunbasary.**

# BAGTYÝAR ÝAŞAÝŞYŇ ÖZENI

***Ýurdumyzyň durmuşyndaky ykbal göteriji taryhy wakalar dünýäde uly goldawa eýe bolýar. Şol wakalar milli döwlet gurluşynyň esaslarynda, jemgyýetiň asylly ýörelgelerinde özüniň beýanyny tapýar.***



Ynha, bu gün bolsa asyrlarboýy berkarar döwleti arzuwlap gelen türkmen halky hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllyk toýuna uly taýýarlykly barýar. Biziň Garaşsyzlygymyzyň we hemişelik Bitaraplygymyzyň esaslarynda halkymyzyň asyrlardan gelýän, taraşlap kämilleşdiren ynsanperwerlik, hoşmeýilli goňşuçylyk, halklaryň däp-dessurlaryna, medeniýetine, mertebesine hormat goýmak ýaly asylly däpler goýulýar.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň hem-de Gahryman Arkadagymyzyň taýsyz tagallalary bilen türkmen halkynyň gadymdan gelýän parahatçylyk söýüjilik, ynsanperwerlik ýörelgeleri bu gün döwlet syýasatynyň özeninde goýulýar. Dünýäde döwletimiziň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň ähmiýeti barha ýokarlanýar. Deňhukuklylyk, hoşniýetli goňşuçylyk, özara düşünişmek, oňyn Bitaraplyk ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasatymyz üstünlikli durmuşa geçirilýär hem-de dünýä bileleşiginde giň goldaw tapýar.

Bilşimiz ýaly, Arkadagly Gahryman Serdarymyz BMG-niň Baş Assambleýasynyň 80-nji ýubileý sessiýasynyň plenar mejlisinde çykyş edip, tutuş adamzat üçin möhüm ähmiýete eýe bolan täze başlangyçlary öňe sürdi. Munuň özi ýurdumyzyň BMG-niň Tertipnamasynda görkezilen gymmatlyklara hem-de köpugurly hyzmatdaşlyga mundan beýläk-de ygrarlydygyny görkezýän wakadyr.

Biziň ýurdumyz hemişelik Bitaraplyk halkara hukuk derejesine eýerip, BMG we onuň iri düzümleri we beýleki ençeme halkara guramalar bilen özara gatnaşyklaryny işjeňleşdirýär. Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň dürli pudaklary BMG-niň Durnukly ösüş maksatlarynyň çäklerinde, hususan-da, ýaşaýyş-durmuş, oba hojalygy, ulag-kommunikasiýa, ylym, bilim, ýangyç-energetika, medeniýet ulgamlarynda ekologiýa taýdan arassa hem-de serişde tygşytlaýjy tehnologiýalary önümçilige ornaşdyrmakda, iri taslamalara daşary ýurt maýalaryny çekmekde işjeňlik görkezýär.

Geçen ýyllaryň dowamynda Bitaraplygyň türkmen nusgasy halkara hukuk tejribesinde täze hadysa öwrüldi. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň sebitde parahatçylygy, durnuklylygy we hyzmatdaşlygy, asudalygy ugur edinýän parahatçylyk söýüjilik syýasaty dünýäde uly goldawa eýe bolýar. Türkmenistanyň sebitde ykdysady durnuklylygy berkitmäge goşýan goşandy umumadamzat bähbitlerinden gözbaş alýar. Biziň ýurdumyz parahatçylygy we durnukly ösüşi üpjün etmekde, döwletara gatnaşyklarynyň ugurlaryny giňeltmekde BMG bilen hyzmatdaşlykda sebitde aýratyn orun eýeleýär.

**Bagtyhan BAÝHANOWA,**
**Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň diňleýjisi.**

Usulyýet — sapagyň esasy

# FIZIKA SAPAKLARYNY IŞJEŇ GURAMAK

Häzirki zaman bilim ulgamynyň ösüşinde fizika dersiniň ähmiýeti uludyr. Fizika dersi tebigatyň kanunlaryny öwrenýän möhüm ylymlaryň biridir. Bu dersiň üsti bilen okuwçylaryň nazaryýetde alan bilimleri bilen okuwçylaryň çäklenmän, gündelik durmuşda duş gelýän hadysalary düşündirýäris. Dünýäniň ylmy-tehniki ösüşiniň çaltlanmagy bilen fizika dersiniň mazmuny hem, ony öwretmegiň usullary hem täzeçe talaplara laýyklykda üýtgeýär. Şonuň üçin fizika sapaklarynyň dogry we täsirli guralyşy okuwçylaryň diňe bir bu dersde üstünlik gazanmagy üçin däl, eýsem, olaryň logiki pikirlenmek, mesele çözmek, syn etmek ýaly başarnyklaryny ösdürmek üçin hem möhüm ähmiýete eýedir. Fizikanyň öwredilmeginde ilkinji ädim nazaryýetiň durmuşa degişli taraplaryny görkezmekdir. Mugallym her bir düşünjäni gündelik ýaşaýyşdaky mysallar bilen düşündirse, okuwçy ol bilimleri öz durmuşynda nähili ulanyp boljakdygyna has aňsat düşünýär.

Okuwçylar bilen «Nýutonyň 2-nji kanuny» diýen temany geçenimizde, ondaky güýç, massa we tizlenme ýaly fiziki adalgalary diňe bir formulaly düşündirmän, eýsem, gündelik durmuşymyzdaky mysallar bilen düşündirýäris. Has takygy, okuwçylara 10 kilogram agramly haltany götermek bilen, 20 kilogram agramly haltany götermegiň deň däldigini, uly agramy tiz galdyrmak üçin has köp güýjüň gerek boljakdygyny düşündirýäris. Okuwçylaryň fizika ösdürýär. Mysal üçin, ýagtylygyň döwülmegi baradaky tejribe işde dürli gurşawlardan geçen ýagtylygyň ugruny barlap görmek okuwçylaryň nazary maglumatlaryny has çuňňur kabul etmegine getirýär. Şeýle tejribeler okuwçylarda «Öz gözüň bilen görmek» düşünjesini döredýär.

Fizika sapagyny täsirli guramakda döwrebap tehnologiýalardan, multemedia serişdelerinden peýdalanyp, wideo, animasiýa görkezmäge giň mümkinçilikler bar. Okuwçylar fiziki hadysalaryň käbirini gözleri bilen görenlerinde has aňsat düşünýärler. Mysal üçin, «Elektromagnit tolkunlary», «Molekulalaryň hereketi» ýa-da «Kwant ýagdaýlary» ýaly temalarda 3D animasiýalar arkaly görkezme sapaklary guramak has täsirli netijeleri berýär.

Fizika sapaklarynyň üstünlikli guralmagy üçin diňe mugallymyň gürrüň bermegi ýeterlik däldir. Okuwçylar hem bu sapaga işjeň gatnaşmalydyr. Toparlaýyn pikir alyşmalar, sorag-jogaplar, mesele çözmek boýunça bäsleşikler okuwçyda sapaga bolan höwesi döredýär. Mugallym sapagy diňe guraýan, geçirýän adam hökmünde däl-de, ýol görkeziji hökmünde çykyş etmelidir. Okuwçylaryň pikirlenmegine ýol bermeli, soraglara jogap gözlemekde özbaşdak iş alyp barmagyny goldamaly.

Fizika sapaklarynyň guralyşy diňe dersiň mazmunyna bagly bolman, eýsem, ony maksadyna ýetirmäge hem berk baglydyr. Nazaryýet bilen amalyýetiň deň sazlaşygy, tehnologiýa-



kanunlaryny gündelik durmuş bilen baglanyşdyrmaklaryna kömek edýäris.

Fizikany okuwçylara öwretmegiň iň täsirli usullarynyň biri hem tejribe işleri bilen okuwçylary gyzyklandyrmakdyr. Synlamak fiziki hadysalaryň göze görnüp, tejribede subut edilmegine mümkinçilik berýär. Bu bolsa diňe bir nazaryýetiň dogrudygyny görkezmän, eýsem, okuwçynyň gözegçilik etmek, ölçemeler geçirmek, netijä gelmek ýaly ylmy ukyplaryny laryň peýdalanylmagy, okuwçylaryň işjeňligi we döredijiligi bu sapaklary has täsirli, manyly edýär. Fizika diňe bir synag üçin däl, durmuş üçin öwredilmeli dersdir. Şonuň üçin her bir sapakda okuwçynyň pikirlenmäge we sorag bermäge mümkinçilik almagy oňat netije berýär.

**Maral ÝAKŞIMURADOWA,**
**Türkmenabat şäherindäki**
**9-njy orta mekdebiň mugallymy.**

# OKUWÇYLARA MILLI GYMMATLYKLARYMYZY ÖWRETMEK

Umumybilim berýän orta mekdeplerde durmuş zähmeti dersinden milli senedimiz bolan keçe *tärim, durluk, serpik* ýaly sözleriň nähili many aňladýanlyklary barada düşündirip, sözlükler üstünde işle-



basmak bilen bagly gyzykly temalar bar. Bu temalar geçilende, okuwçy gyzlar bilen keçäni taýýarlamagyň ilkinji basgançagyndan başlap, goýnuň arassalanan ýüňüni saýmagyň, süýmegiň usullaryny, boýamak işleriniň düzgünlerini düşündirýäris.

Keçäni gülläp basmagyň gadymy senetleriň biridigini okuwçylara gürrüň berýäris. Sapak has täsirli bolar ýaly, kiçi göwrümli, elde ýasalan ak öýi okuwçylara görkezýäris. Türkmen öýleriniň bezegi bolan milli senedimiz — keçäniň ajaýyp nusgalarynyň taýýarlanyş usullarynyň dürli döwürlerde ene-mamalarymyz tarapyndan nesilden-nesle geçip, dowam edendigini aýdýarys. Keçeler türkmen öýleriniň bezegi we ynsan saglygy üçin peýdaly hasaplanyp gelnipdir. Ene-mamalarymyz ak öýleriň daşyndaky uýlugyny, tärimlerini, durlugyny keçeden edipdirler. Uklaryň ujy keçeler bilen berkidilipdir. Ak öýleriň serpigi hem keçeden edilipdir. Ol serpikler gyşyna ýapylyp, tomsuna açylar ýaly amatly bolupdyr. Keçäniň türkmen durmuşynda şeýle möhüm orny eýeländigi barada okuwçylara rowaýatlary hem gürrüň berýäris.

Sapagyň dowamynda ak öýlerdäki keçe esbaplary bolan *uýluk,* ýäris. Sözleriň manylaryny okuwçylaryň depderlerine ýazdyrýarys.

Soňra okuwçylaryň ünsüni keçä salynýan nagyşlara çekýäris. Ene-mamalarymyzyň azyndan sekiz reňki ulanandyklary, olaryň ýüňleri boýamakda tebigy reňkleri ýerli ösümliklerden alandyklary barada gyzykly maglumatlary berýäris. Goýy gyzyl reňki çöpboýadan, sary reňki sary çöp diýen oty gaýnadyp, mele reňki bolsa nar gabygyndan alypdyrlar. Çekize we üzüm suwy bilen garylan mis gyryndysyndan ýaşyl reňki döretmegi başarypdyrlar. Gara reňk üçin bolsa, hozuň gabygyny gaýnadypdyrlar. Gazanda ösümlikleri gaýnadyp, boýag almagyň aýratynlyklary barada düşündirýäris.

Sapagyň dowamynda okuwçy gyzlar bilen ýüňleri saýyp, egrip, ýumak edýäris. Kiçi göwrümli keçäni taýýarlap, ony nagyşlaýarys. Bu ajaýyp senedi ýerine ýetirýän pursatlarymyzda okuwçy gyzlar lälelere, aýdymlara hiňlenip, sapagyň has hem gyzykly guralmagyna goşant goşýarlar.

**Bibisoltan**
**SÄHETGURBANOWA,**
**Tejen etrabyndaky 13-nji orta**
**mekdebiň mugallymy.**

BILIM IŞGÄRLERINIŇ
iş tejribesinden

## KÖRPELERDE TEBIGATA SÖÝGI DÖRETMEK

Çagalar bagynyň uly (mekdebe taýýarlaýyş) toparlarynyň körpeleri şekillendiriş sungaty — surat sapaklaryna höwes bilen gatnaşýarlar. Aýratyn hem, olar tebigat bilen bagly suratlary çekmegi halaýarlar. Güýz paslyna degişli temalar geçilende, körpelere, ilki bilen, täze temany düşündirýäris. Güýz paslynda tebigatyň gözellikleri, ösümlik we haýwanat dünýäsi barada gürrüň berýäris. Soňra reňkler barada düşünje berip, surat çekilende reňkler bilen sazlaşykly işlemegi öwredýäris. Bu bolsa körpeleriň daş-töweregi gurşap alýan tebigat hadysalaryna düşünmek ukyplarynyň ösmegine ýardam edýär. Çagalaryň erk-isleginiň, döredijilik başarnyklarynyň, gözellik duýgularynyň ösmegine surat sapagy oňyn täsir edýär. Munda çagalara güýz paslynda agaçlaryň ýapraklarynyň saralmagy, olaryň ýere gaýyp düşmegi, topar bolup uçup barýan guşlar barada multimedia tagtasynda şekilli pursatlary görkezip gürrüň berýäris. Çagalar şeýle pursatlardan täsirlenýärler. Olara özbaşdak işlemegi tabşyrýarys. Şonda olar gören pursatlaryndan özbaşdak şekil döredýärler. Döreden şekillerini dürli reňkler bilen reňklemegi birek-birek bilen maslahatlaşýarlar hem-de özbaşdak netije çykarmagy hem başarýarlar. Bu bolsa çaganyň döredijilik işinde kämilleşmegine has oňaýly täsir edýär.

Sapagyň dowamynda çagalar diňe dürli galamlar bilen däl-de, reňkli kagyzlardan ýelimlemek arkaly hem şekilleri döretmegi başarýarlar. Çagalaryň tebigat, ösümlik we haýwanat dünýäsi barada surat çekmäge höwesli bolmagy körpelerimiziň daşymyzy gurşap alan tebigaty gowy görýändiklerini aňladýar.

**Mähri ALTYÝEWA,**
**Arkadag şäherindäki 10-njy çagalar**
**bakja-bagynyň terbiýeçisi.**

## SÖZLÜK DIKTANTY BILEN IŞLEMEK

Başlangyç synp okuwçylarynyň dürs ýazuw başarnyklaryny kämilleşdirmekde diktantlaryň dürli görnüşlerinden peýdalanýarys. Başlangyç synplarda ýazdyrylýan diktantlar görnüşleri boýunça dürli-dürli bolýar. Diktant ýazdyrmak okuwçylaryň türkmen dilinden bilim derejelerini, ýazuw başarnyklaryny ösdürmekde uly ähmiýete eýedir. Sözlük diktantyna degişli ýazgy (tekst) sözlemlerden däl-de, diňe sözlerden ýa-da söz düzümlerinden ybarat bolýar. Sapakda öwrenilen belli bir tema degişli sözlerden ýazgy taýýarlaýarys. Şol ýazgy sapagyň belli bir döwründe mugallymyň aýdyp bermegi esasynda ýazdyrylýar. Bu görnüşli diktanta sözlük diktanty hem degişli bolup durýar. Sözlük diktantyny başlangyç synplaryň hemmesinde hem geçirmek ähmiýetlidir.

Başlangyç synplarda sözlük diktantyny ýazdyrmak üçin mysaly tekstleri hem hödürleýäris. 1-nji synpda sowat öwretmegiň harplyk döwri tamamlananda, okuwçylaryň geçilen harplary özleşdirişlerini barlamak we berkitmek maksady bilen şu aşakdaky ýaly sözlük diktantyny ýazdyrmak bolar. Mysal üçin: *Omar, nar, şol, hat, öý, on, jaň, ene, alma, üzüm, çal, daş.*

Ýalňyş üstünde iş geçirilende bolsa, ýalňyş goýberilen sözler multimedia tagtasyna gaýtadan ýazdyrylýar we onuň kadasy gaýtadan özleşdirilýär. Sözlük diktanty çagalaryň dürs ýazuw endikleriniň, sözleýiş başarnyklarynyň kämilleşmegine, artmagyna oňaýly täsir edýär.

**Sona HEZRETOWA,**
**Köýtendag etrabyndaky 4-nji orta**
**mekdebiň mugallymy.**

# Röwşen geljegiň çyragy

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda ýurdumyzda ähli ulgamlar bilen bir hatarda ylym we bilim ulgamyny ösdürmäge-de uly üns berilýär. Ýaş nesliň ylymly, bilimli, giň dünýägaraýyşly, hünärli bolmagynda durmuşa geçirilýän beýik işler talyplary okamaga, ylym-bilim öwrenmäge ruhlandyrýar.

Ylmyň, tehnologiýalaryň, dünýäniň öňdebaryjy gazananlarynyň milli ykdysadyýete ornaşdyrylýan döwründe tilsimatlary bilmek, öwrenmek ýaşlar üçin gyzykly bolup durýar. Häzirki wagtda sanly bilim ulgamy ýurdumyzyň okuw mekdeplerinde giňden ornaşdyryldy. Sanly bilimiň ähmiýetini, mazmunyny bilmek ýaşlar üçin has hem derwaýys bolup durýar. Sanly bilim dünýä tejribesini öwrenmek, sanly tehnologiýalaryň, sanly maglumatlaryň özleşdirilmegi diýmekdir. Onuň mümkinçilikleriniň ýaş nesiller üçin has bähbitlidigini, ygtybarlydygyny ýakyndan tanyş bolanymyzda görýäris. Okadýan ugrumyzy çuňlaşdyryp öwretmekde, dürli usullaryň üsti bilen geçýän mowzuklarymyzy berkitmekde, iň esasy-da wagty tygşytly ulanmakda sanly ulgamyň mümkinçiliklerini doly peýdalanýarys. Geçilýän dersler çuňlaşdyrylyp öwredilende, onuň ähmiýeti-de, gyzygy-da başgaça bolýar. Mugallym bilen talybyň arasyndaky işjeň gatnaşyklar netijeli häsiýete eýe bolup, bilimler dünýäsine giňden aralaşmaga itergi berýär.

Ata Watanymyzyň ertiri bolan ýaşlaryň milli ykdysadyýetiň dürli pudaklarynda el-ele berip halal zähmet çekýändigi guwandyrýar. Olar iň täze tejribeleri, bilimleri uly gyzyklanma bilen öwrenýärler, ylmyň çuňluklaryna aralaşýarlar. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiz talyp ýaşlaryň ylym-bilim, dünýä dillerini öwrenmekleri üçin ähli mümkinçilikleri we şertleri döredýär. Ýaşlaryň gowy okamagy we bilim öwrenmegi üçin giň şertler üpjün edilýär.

Ýaşlaryň kämil hünärmenler bolup ýetişmegi üçin giň mümkinçilikleri döredýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýürekden buýsanjymyzy beýan edýäris. Goý, Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun!

**Mähri BERDIÝEWA,**
**Türkmen döwlet ykdysadyýet we**
**dolandyryş institutynyň**
**mugallymy.**

# TERJIMEÇILERI TAÝÝARLAMAK IŞI BARHA KÄMILLEŞÝÄR

***Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzyň ähli ulgamlarynda, şol sanda ylym-bilimde düýpli özgertmeler amala aşyrylýar. Eziz Diýarymyzda ýaşlaryň daşary ýurt dillerini kämil öwrenmegi üçin yzygiderli işler alnyp barylýar, daşary ýurt dilleri sapaklary innowasion okuw usullaryndan, häzirki zaman tehnologiýalaryndan peýdalanylyp guralýar. Bilim edaralary ýokary hilli okuw kitaplary, okuw usuly gollanmalary bilen üpjün edilýär. Munuň özi, okatmagyň usulyýetini has-da kämilleşdirmäge we bilim işiniň netijeliligini artdyrmaga ýardam berýär.***

Häzirki wagtda Türkmenistan döwletimiziň dünýä ýurtlary bilen alyp barýan hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny üstünlikli ösdürmäge mynasyp goşant goşjak, daşary ýurt dillerini kämil bilýän ökde hünärmenler kemala gelýär. Biziň ýurdumyz dünýäniň ençeme döwletleri bilen hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny yzygiderli ösdürmäge möhüm ähmiýet berýär. Şeýle ýagdaýda dürli ugurlar boýunça terjimeçileri taýýarlamak, onuň hil derejesiniň ähmiýeti we aýratynlyklary esasy orny eýeleýär. Bilşimiz ýaly, ýurdumyzda syýasy gatnaşyklary berkitmekde, halklaryň arasyndaky dost-doganlygy pugtalandyrmakda parlamentara gatnaşyklara aýratyn orun degişlidir. Bu ugurdaky gatnaşyklarda giňden ulanylýan terjimeçilik işi birnäçe talaplary öz içine alýar. Parlamentara dostluk toparlarynyň duşuşyklarynda, ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn maslahatlarda, kanunçylyk tejribesi boýunça pikir alyşmalarda dürli ýurtlaryň wekilleriniň gatnaşýandygy üçin terjimeçiniň bu ugurda talabalaýyk taýýarlygy wajyp bolup




durýar. Geçirilýän parlamentara duşuşyklarda maglumatlary takyk ýetirmek üçin terjimeçiniň halkara hukuk adalgalaryny, syýasy düşünjeleri anyk bilmegi esasy zerurlyk hasaplanylýar. Her bir söz we düşünje halkara hukuk taýdan takyk manyda ulanylmaly bolýar. Terjime edilýän sözleriň dil taýdan däl, eýsem, medeni taýdan dogry düşündirilmegi ýurtlaryň arasynda dostluk we hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny has-da kämilleşdirmäge, parahatçylyk we ynanyşmak medeniýetini ösdürmäge mümkinçilik berýär.

Terjimeçiligiň görnüşleri barada aýdylanda, olaryň ulanylyşy duşuşygyň görnüşine we gatnaşyjylaryň sanyna baglydyr. Parlamentara duşuşyklarda, esasan, çykyş bilen bir wagtda ýerine ýetirilýän sinhron terjime giňden ulanylýar. Terjimäniň sinhron görnüşinde terjimeçi diňe teksti däl, çykyş edýän adamyň duýgusyny, sesiniň äheňini hem saklamaga çalyşmaly. Bu terjimäniň çylşyrymly görnüşi bolup, ol terjimeçiden dürli amaly hereketleri: bir dilde diňlemegi, başga bir dile terjime etmegi we şol terjime edýän dilinde sözlemegi, sözleýjiden, ýagny çykyş edýän adamdan yza galman, ýalňyşsyz geplemegi talap edýär. Ýeri gelende bellesek, her döwletiň öz däbiniň we kanunçylyk tejribesiniň bardygyny göz öňünde tutup, parlamentara duşuşyklarda terjimeçi gatnaşyjylaryň ählisi üçin terjime edilýän sözleri dogry, talabalaýyk beýan etmegi başarmaly. Munuň özi terjimeçiden ýokary derejede ünsi, çalt pikirlenmegi, tejribäni, taýýarlygy talap edýär. Parlamentara duşuşyklarda edilýän terjimeler diňe dil bilen baglanyşykly bolman, eýsem, diplomatiýanyň hem möhüm bölegidir. Häzirki wagtda ýaşlaryň dil we terjime bilimlerini ösdürmek, olary geljekde halkara derejesinde işlemäge taýýarlamak esasy meseleleriň biri bolup durýar. Şeýle bolansoň, terjimeçileriň hünär ussatlygyny kämilleşdirmek maksady bilen halkara tejribeler öwrenilýär we terjimeçilik işinde giňden peýdalanylýar. Elbetde, bu ugurda döredilýän giň mümkinçilikler parlamentara hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny has-da ösdürmäge uly goşant goşýar.

**Zyba NEPESOWA,**
**Türkmenistanyň Mejlisiniň**
**Ylym-bilim, medeniýet we**
**ýaşlar syýasaty baradaky**
**komitetiniň baş hünärmeni.**



# KITAP — GYMMATLY HAZYNA

*Ylymly-bilimli bolmagyň esasy açary kitap okamakdyr. Kitaplar döwrüň taryhyny, halkyň durmuşyny we ruhuny özünde jemleýän bahasyna ýetip bolmajak hazynadyr. Türkmeniň akyldar şahyry Magtymguly Pyragynyň: «Kitap okan gullar magnydan dokdur» diýip belleýşi ýaly, kitap dünýäni açyp görkezýän, ynsanyň gözýetimini giňeldýän we ruhuny baýlaşdyrýan mizemez mirasdyr. Baý hazynaly kitaplary özünde jemleýän, giň okyjylar köpçüligine hyzmat edýän kitaphanalaryň biri hem Daşoguz welaýat kitaphanasydyr.*

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda Daşoguz lukmançylyk orta okuw mekdebinde hereket edýän «Miras» gurnagy we mekdebiň ýaş alymlar geňeşiniň bilelikdäki tagallasy bilen Daşoguz welaýat kitaphanasyna syýahat guraldy. Kitaphana syýahatyň dowamynda kitaplar barada söhbetdeşlik geçirildi. Bu syýahat talyp ýaşlarymyzda kitaba bolan söýgini has hem ösdürmek, ata-babalarymyzyň kitaba, ylma bolan beýik söýgüsini düşündirmek, edep-terbiýäni wagyz etmek maksady bilen guraldy. Talyp ýaşlarymyzdyr mugallymlarymyz kitaphanada Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň kitaplaryny uly gyzyklanma bilen okaýarlar. Özüňi kämilleşdirmegiň iň möhüm ýollarynyň biri kitap okamakdyr. Kitap okamak bize dünýä başgaça düşünmäge kömek edýär. Türkmen halkynyň döreden nakyllarynda: «Kitap okamaýan görýänini görer, kitap okaýan dünýäni görer», «Kitap okaýanyň ruhy baý», «Bilmeýän zadyňy kitapdan sora», «Kitap geçeni, geljegi öwredýän dana» diýen paýhaslar bar. Şu paýhasly sözlerden görnüşi ýaly, kitap okamagyň ynsana näderejede peýdalydygyna düşünmek möhümdir. Kitap okalan wagtynda ünsüňi bir ýerde jemlemek we ýazylan zatlara takyk düşünmek möhüm bolup durýar. Kitap okyjyny öz dünýäsinden çykaryp, täze we täsin bir dünýä alyp gidýär hem-de adamlaryň dürli durmuşy ýagdaýlardan dogry baş alyp çykmagyna kömek edýär. Kitap adamda dostluk, söýgi, ýagşylyk, umyt ýaly duýgulary ösdürip, jemgyýetde has gowy gatnaşyklary kemala getirmäge mümkinçilik berýär.

Kitap okamak ynsanlaryň ruhuny baýlaşdyrýar. Ýaşlarda okamak endigini kemala getirmek, ylmy edebiýatlar hakynda düşündirmek mugallymlaryň we kitaphana işgärleriniň asylly ýörelgesine öwrüldi.

**Güljahan ILAMANOWA,**
**Gurbansoltan eje adyndaky Daşoguz lukmançylyk orta okuw mekdebiniň mugallymy.**

# KÄMILLIGIŇ NUSGALYK ÝOLY



**Nesil terbiýesi nusgawy edebiýatymyzyň eserlerinde, şol sanda baý döredijiligi bilen döwürlere we nesillere şamçyrag bolan akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň şygyrlarynda hem giňişleýin şöhlelenýär. Akyldar şahyryň döredijiligi ähli döwürlerde ýaş nesli terbiýelemekde gymmatly ýol-ýörelge mekdebidir. Şahyryň şygyrlaryndan durmuşyň islendik meselesine degişli soraglara jogap tapmak mümkindir. Akyldar şahyryň döreden şygyrlary ähmiýetini ýitirmän, ýyllar geçdigiçe, altyn ýaly şöhle saçýar, gadyrgymmaty artýar. Söz äleminiň ussady, türkmen halkynyň beýik şahyry Magtymguly Pyragynyň döredijiligindäki milli edep-terbiýe bilen baglanyşykly garaýyşlar watançylyk duýgularyndan gözbaş alýar. Perzendine asylly terbiýe bermek ata-enäniň borjy bolup durýar. Şonuň üçin hem türkmen nakyllarynda «Edepli ile ýarar» diýlip bellenilýär. Aslynda, türkmen halky perzendini söz arkaly, paýhasly sözler bilen terbiýelemegi, görelde görkezmegi ýörelge edinipdir. Asyrlaryň dowamynda kämillik derejesine ýetirilen baý medeniýetimiz, şöhratly geçmişimiz nesil terbiýesinde möhüm orny eýeleýär. Terbiýe bermek okatmak bilen hem berk baglanyşyklydyr.**

Ata-babalarymyz nesillerine asylly däpleri, halallyk ýoluny hem-de edep-terbiýäni miras goýupdyrlar. Edeplilik, halallyk, Watana wepalylyk, zähmetsöýerlik ýaly ýörelgeleri ýaşlaryň aňyna guýmak bilim ulgamynyň işgärleriniň esasy wezipeleriniň biridir. Ata-babalarymyz nesil terbiýesine uly üns bermek bilen, öz dowamatynyň akylly, asylly, sagdyn, dogruçyl, ruhubelent, watansöýüji, zähmetsöýer adamlar bolup ýetişmekleri üçin alada edipdirler. Nesil terbiýesi bolsa örän çylşyrymly hem-de jogapkärli işdir. Her bir çaga jemgyýetde özüni alyp barmagyň düzgünlerini, daş-töwerege, adamlara bolan garaýşyny öz maşgalasynda ata-enesinden, mekdepde mugallymyndan, deňduşlaryndan öwrenýär.

Çaga terbiýesinde edeplilik baradaky düşünjä uly orun degişli bolup, bu gönüden-göni ýaşuly nesliň göreldesi bilen baglydyr. Asylly ýörelgelerimiziň dowam etdirilmeginde iň esasy orunlaryň biri maşgala terbiýesine degişlidir. Jemgyýeti emele getirýän düzümleriň ilkinjisi bolan maşgala çaganyň geljekki terbiýesinde iňňän möhüm orun eýeleýär. Çaga maşgalada, ilki bilen, edep-ekram, ahlak gymmatlyklaryny öwrenýär. Edep-ekram şahsyýetiň bezegidir. Edeplilik arassa ahlakly, ýagşy terbiýeli, gowy gylyk-häsiýetli bolmak diýmekdir.

Nesil terbiýesinde hiç bir ownuk zat ýokdur. Bu iş ata-eneleriň jogapkärçiligini, gözegçiligini, ünslüligini talap edýär. Şu günki çagalar — geljegimiziň eýeleri. Geljekde öz çagalarymyzyň il-güne peýdaly adam, bagtly ynsanlar bolmagyny islesek, olara dogry terbiýe bermegimiz gerek. Bu hakda akyldarlaryň biri: «Iň bagty gelen adamlar terbiýesi ýerine düşen adamlardyr» diýip belleýär.

Maşgala terbiýesinde iň esasy zat nämekä? Megerem, görelde bolsa gerek, sebäbi çagalar eýýäm kiçi ýaşdan başlap, ululara, ilkinji nobatda-da, ata-enelere öýkünmäge mähetdel bolýar. Şonuň üçin çaga aýdylanyny däl-de, göreni edýär. Çaga ene-atasyndan, maşgala agzalaryndan ilkinji sözleri, ilkinji hereketleri öwrenýär. Soňlugy bilen, çagalar bagynda terbiýeçisine, mekdepde bolsa mugallymyna meňzemäge çalyşýar.

Türkmen perzendiniň sowatly, edep-terbiýeli, watansöýüji adamlar bolup ýetişmeginde bilim-terbiýeçilik ojaklarynyň alyp barýan işleri hem bellärliklidir. Biz — bilim işgärleri öz öňümizde durýan wezipeleri üstünlikli amala aşyrmakda yhlasly zähmet çekýäris. Ýaş nesilleriň ata Watanymyza, ene topragymyza bolan söýgüsini artdyrmak, olaryň bu ugurdaky duýgy-düşünjelerini çuňlaşdyrmak ýörelgelerine berk eýerýäris. Bu döwrebap işleriň netijesinde ýurdumyzyň bilim-terbiýeçilik ulgamy has-da kämilleşdirilýär.

**Maýa SOPYÝEWA,**
**Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky ýöriteleşdirilen umumybilim berýän mekdep-internatynyň terbiýeçi mugallymy.**

# NESIL TERBIÝESI MUKADDESDIR

***Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň beýik ösüşleri biziň her birimizi buýsandyrýar. Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda amala aşyrylýan bu ösüş-özgerişlerde röwşen geljegimiziň berk binýady bardyr.***

Eziz Diýarymyzda ýaş nesli terbiýelemekde gadymdan gelýän däp-dessurlara, ýol-ýörelgelere esaslanylýar. Öz geçmişini gadymyýetden alyp gaýdýan türkmen halkynyň milli däp-dessurlary, edep-kadalary nesil terbiýesi bilen berk baglanyşyklydyr. Asyrlarboýy halkymyzyň çaga terbiýelemekde kämilleşen asylly däpleri, edep-kadalary bolupdyr. Ol kadalar Oguz han eýýamynda kemala gelen türkmeniň milli ruhy dünýäsinden gözbaş alýar.

Ata-babalarymyz nesilleriň akylly, sagdyn, dogruçyl, ruhubelent, watansöýüji, zähmetsöýer adamlar bolup ýetişmekleri üçin uly alada edipdirler. Ata-babalarymyzyň nesil terbiýesinden kemala gelen «edep» sözi terbiýe-tertip, sypaýylyk ýaly çuň manylary özünde jemleýär. Şonuň üçin çaga terbiýesinde edeplilik baradaky düşünjä uly orun degişli bolup, bu hem gönüden-göni ýaşuly nesliň göreldesi bilen baglydyr. Sebäbi döwletiň berkligi jemgyýete bagly, jemgyýetiň sagdynlygy bolsa maşgala baglydyr. Maşgala milletiň, jemgyýetiň galkynmagynda uly orun tutýan bolsa, maşgalanyň galkynmagynda perzendiň orny uludyr.

Türkmen edebiýaty halkymyzyň edep kadalaryny nesillerden-nesillere geçirmegiň iň kämil mekdebidir. Ýaşlary milli ruhda terbiýelemek işinde halk döredijilik eserlerimiziň, dessandyr şadessanlarymyzyň ähmiýeti uludyr. Edebi mirasymyzda watansöýüjilik, halallyk, ynsanperwerlik, myhmansöýerlik, edermenlik, zähmetsöýerlik ýaly ruhy dünýämiziň iň naýbaşy gymmatlyklary jemlenendir.

Akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň döredijiligi milli terbiýäniň gözbaşydyr. Magtymgulynyň halk paýhasyndan kemal tapan döredijiligi ýaş nesliň pederlerimiziň ruhy ýörelgelerine wepaly bolup ýetişmekleri üçin parasatly öwüt-ündewleri özünde jemleýär. Ynsanyň islendik meselede akyl-paýhasly hereket etmeginiň wajypdygy, kämillige tarap her kimiň özüniň ymtylmalydygy, edep-terbiýäniň her bir ynsan üçin derwaýysdygy ündelýär.

Mekdep edep-terbiýäniň ojagy hasaplanýar. Her bir maşgalanyň, bilim-terbiýeçilik edaralarynyň işgärleriniň borjy çagalara bilim-terbiýe bermekde pederlerimiziň edebi mirasyndan, şöhratly taryhymyzdan, milli däp-dessurlarymyzdan ugur alyp, döwrebap düşünjeli ýaş nesli terbiýelemekden ybaratdyr.

**Maýa ÖWEZOWA,**
**Aşgabat şäherindäki 38-nji orta mekdebiň müdiri.**

# SÖÝÝÄN GÜÝZ PASLYNY...

## (Oýlanma)

Tebigatyň agras keşbe girip, topragyň bol bereket eçilýän döwri — tylla güýz. Güýz paslynyň hoştap howasy jana melhem, ylhama joşgun berýär. Şahyryň taryp edişi ýaly:

**Söýýän güýz paslyny,**
**Sarylygyny.**
**Göwnüme hoş ýakýar onuň pes päli.**

Güýz paslynyň sarylygyny, agraslygyny, salkynlygyny söýmezlik mümkin däl. Ynsan kalbyndaky harasady köşeşdiriji, paýhas-pikirlerini durlaýjy, mähir-söýgüsini joşduryjy güýz hakda näçe aýtsaň aýdybermeli.



Pasyllaryň hersiniň adam ruhuna edýän täsiri dürli-dürlüdir. Güýz paslynda hem özboluşly täsinlik bar. Çünki ynsan bu pasylda tebigatyň keşbine çalymdaş agras keşbe girip, ene topragyň eçilýän bol hasyly ýaly kalby joşgunly bolýar:

**Ýene saralypdyr agaçda ýaprak,**
**Suratkeş çekipdir ajaýyp surat.**
**Agras keşbe girip mukaddes toprak,**
**Bereket eçilýär tylla güýz pasly.**

Tebigat bilen ynsanyň arasyndaky meňzeşligi diýsene. Bu pasylda tebigat bilen ynsan has-da ýakynlaşýar, olaryň arasyndaky baglanyşyk barha kämilleşýär.

Gündizlerine Günüň gyzgyn çogy edil mähirem enäniň gyzgynjak gujagy ýaly Ýer ýüzüni ýyladýan bolsa, ir ertir we agşamlaryna çigrek howanyň iniňi üşütmesi bu paslyň howasynyň hem özboluşlylygyny subut edýär. Asmanyň ýüzi birdenkä garalyp, niredendir bir ýerlerden bulutlaryň süýşüp gelmegi bilen ýagşyň damjalap başlamagy hem güýze mahsus häsiýetleriň biri. Bu-da ynsan kalbynda bolup geçýän ahwallara, käwagt adamlaryň birden ýüreginiň gysyp başlaýşyna, gözlerini ýaşlaýşyna juda meňzeş:

**Tebigat altyn güýzi,**
**Gitse, gyşa tabşyryp...**

Howanyň kem-kemden sowamagyny güýzüň öz nobatyny gyş paslyna berýänligi bilen düşündirse bolar. Her pasyl gezegini beýleki pasla berip, şeýde-şeýde aýlar aýlanyp, ýyllar geçip dur... Bu tebigatyň kanuny:

**Şeýdip ýaşap geçeli,**
**Ýyly-ýyla tabşyryp,**
**Deregmize dünýäde,**
**Galsyn diňe ýagşylyk!**

**Gülzar ABAÝEWA,**
**«Mugallymlar gazeti».**

# SAGDYNLYGYŇ GÖZBAŞY

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda ýurdumyzyň çar künjegi şatlyk-şowhuna, şanly wakalara beslenýär. Ýurdumyzda durmuşa geçirilýän beýik işler şanly wakalaryň buşlukçysy bolýar. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzda köpçülikleýin bedenterbiýe-sagaldyş hereketini we sporty ösdürmek meselesi döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň birine öwrüldi.

Hormatly Prezidentimiz «Ýaşlar — Watanyň daýanjy» atly kitabynda şeýle belleýär: «Täze taryhy eýýamda sagdyn durmuş ýörelgesine eýerýän ildeşlerimiziň hatary yzygiderli artýar, köpçülikleýin bedenterbiýe-sagaldyş hereketi barha rowaçlanýar. Munuň özi nesil sagdynlygyny gazanmakda ähmiýet berilmeli ýagdaýdyr». Bilşimiz ýaly, häzirki ajaýyp döwrümizde ynsan saglygy hakyndaky aladalar esasynda ýurdumyzyň sport ulgamyny ösdürmek işleri barha rowaçlanýar. Eziz Diýarymyzda sporty we köpçülikleýin bedenterbiýäni durmuşa giňden ornaşdyrmakda, mukaddes topragymyzyň dermanlyk ösümlikleriniden peýdalanmakda, saglyga oňaýly täsir edýän şypahanalary enjamlaşdyrmakda asyrlara barabar işler durmuşa geçirilýär.

Sport sagdynlykdyr, ruhubelentlikdir. Sporty söýýän, onuň bilen yzygiderli meşgullanýan islendik ýaşdaky adam beden taýdan sagdyn, giň dünýägaraýyşly, fiziki we ruhy taýdan işjeň bolýar. Her bir raýatyň sagdyn ruhda kemala gelmegi ýurdumyzda sagdyn jemgyýetiň berkarar bolmagynda möhüm ähmiýete eýedir. Jemgyýetimiziň sagdynlygy, halkymyzyň agzybirligi we abadançylygy üçin taýsyz tagallalary edýän hormatly Prezidentimiz ýurdumyzda sportuň ösdürilmegine aýratyn üns berýär. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary bilen gurlup ulanylmaga berilýän döwrebap sport desgalarydyr sport toplumlary bagtyýar ýaşlarymyzyň iň bir gelim-gidimli ýerine öwrülýär. Ýokary we orta okuw mekdeplerinde hem sport meýdançalarynyň bolmagy has-da guwandyrýar. Ýurdumyzda sporty dabaralandyrmakda, ýaşlarda sporta bolan söýgini ösdürmekde asylly işler alnyp barylýar.

Türkmenistan döwletimiziň alyp barýan içeri we daşary syýasaty beýik maksada — agzybir halkymyzyň we geljekki nesilleriň bolelin, bagtyýar, parahat, asuda durmuşda ýaşamagyny üpjün etmäge gönükdirilendir. Bu günki gün agzybir halkymyz asuda durmuşymyzyň hözirini görýär, işleýär, döredýär. Ähli il-ulsumyz ýurdumyzda oňyn özgertmeleriň amala aşyrylýandygy, raýatlarymyzyň abadan durmuşy we dürli ugurlarda zähmet çekmegi üçin oňaýly şertleriň döredilýändigi, ýaş nesil barada alada edilýändigi, halkymyzyň sagdyn bedenli we sagdyn ruhly bolmagynyň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlaryna öwrülendigi üçin Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza ýürek sözlerini beýan edip, bu ajaýyp döwürde — uly möçberli oňyn özgertmeleriň amala aşyrylýan döwründe parahatçylygy we döredijiligi ileri tutýan ýurtda ýaşaýandyklary üçin özlerini bagtyýar we buýsançly duýýarlar.

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistany ösüşleriň, özgertmeleriň, gül açýan durmuşyň, sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurduna öwren we durmuşymyzy, ömrümizi bagtyýarlyga besleýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýürekden buýsanjymyzy beýan edýäris. Goý, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag bolsun, il-ýurt bähbitli, dünýä ähmiýetli işleri rowaçlyklara beslensin!

**Ogulhan KARAJAÝEWA,**
**Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň assistenti, lukmançylyk ylymlarynyň kandidaty.**

## ABUNA — 2026

## HORMATLY OKYJYLAR!

***Gazetimiziň elektron görnüşine «turkmenmetbugat.gov.tm» internet sahypasynda hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysynda «Merkezi gazet-žurnallar we welaýat gazetleri» bukjasyndan ýazylyp bilersiňiz.***

**Elektron görnüşine ýazylmak üçin telefon belgimiz: 39-96-40.**

XXI ASYR BILIM, YLYM ASYRYDYR
MUGALLYMLAR GAZETI
ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI

Baş redaktor
Söhbet NURBERDIÝEW

BIZIŇ SALGYMYZ:
Aşgabat şäheri,
Garaşsyzlyk şaýoly-100,
Türkmenbaşynyň erkin döredijilik mekany.

TELEFONLARYMYZ:
kabulhana — 38-61-53; jogapkär kätip — 39-96-40.
E-mail: mugallymlar-gazeti@sanly.tm
BÖLÜMLER:
syýasat — 39-96-39; milli miras we edebiýat — 39-96-45; orta bilim we terbiýeçilik işi — 39-96-47; ylym, ýokary we ýörite orta okuw mekdepleri — 39-96-42; habarçy hatlar — 39-96-48; kompýuter merkezi — 39-96-43; faks — 38-61-45.

Gazeti elektron görnüşde «turkmenmetbugat.gov.tm» we «metbugat.gov.tm» internet sahypalaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz.

Gazet hepdäniň duşenbe, çarşenbe günleri çykýar.

SANY - 18400.

Bahasy 30 teňňe.

Indeksi — 69452. Gazetiň asyl nusgasy Hojalyk hasaplaşygyndaky redaksion birleşigiň Kompýuter merkezinde taýýarlanyldy. Gazet Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Ölçegi A2, möçberi 2 ç.k. A-117428

Redaksiýa gelen golýazmalar yzyna gaýtarylmaýar, olara jogap we syn berilmeýär. Gazetiň çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 39-95-36.